# MAKUL HABAR

atawatanhabar@gmail.com ATAVATAN TÜRKMENISTAN AWGUST AÝYNYŇ 16-sy, 2025. №32




# AWAZA SYÝASY JARNAMASYNYŇ STRATEGIK ÄHMIÝETI

Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň jemleri boýunça kabul edilen Awaza syýasy Jarnamasy 2014 – 2024-nji ýyllar üçin Hereketleriň Wena maksatnamasynyň netijelerini jemleýän resminama bolup, 2024 – 2034-nji ýyllar üçin täze strategik gün tertibini kesgitleýär. Bu resminama bilelikdäki tagallalar üçin anyk ugurlary görkezip, DÇBÖBD-niň ýüzbe-ýüz bolýan düzümleýin meselelerini çözmekde halkara hyzmatdaşlygyň möhümdigine ünsi çekýär.

Awaza syýasy Jarnamasynda deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlary durnukly ösüşiň täze derejesine çykarmaga gönükdirilen täzelenen anyk hereketler beýan edilýär. Onda Baş Assambleýa tarapyndan 2024-nji ýylda kabul edilen Hereketleriň Awaza maksatnamasynyň syýasy binýady has-da berkidilip, dünýä bileleşiginiň DÇBÖBD-ne goldaw bermäge umumy erki beýan edilýär. Jarnama diňe bir üstaşyr geçirmek meseleleri bilen çäklenmän, eýsem, ykdysadyýetde düzümleýin özgertmeleri amala aşyrmakdan başlap, howanyň üýtgemegine durnuklylygy pugtalandyrmaga çenli meseleleriň giň toplumyny öz içine alýar. Şeýle-de ol ähli gyzyklanma bildirýän taraplar – hökümetler, halkara guramalar, hususy pudak, raýat jemgyýeti üçin hereketlere çagyryş bolup durýar.

Jarnamada DÇBÖBD-niň öňünde durýan esasy meseleler we ählumumy özara baglanyşyk nygtalýar. Onda agzalýan geosyýasy dartgynlylyk, azyk, energetika howpsuzlygy, howanyň üýtgemegi ýaly meseleler ösüşe, Durnukly ösüş maksatlaryny gazanmaga päsgelçilik döredýär, ýokary ulag çykdajylary bolsa eksport we import amallarynyň bahalaryny ýokarlandyrýar. Howanyň üýtgemegi azyk howpsuzlygyna, oba hojalyga esaslanýan ykdysadyýetlere gönüden-göni täsir edýär. Munuň özi deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň aglabasy üçin aýratyn derwaýysdyr. Jarnama deňze göni çykalganyň bolmazlygy, dünýä bazarlaryndan aradaşlyk, ýokary çykdajyly üstaşyr geçirmek amallary ýaly DÇBÖBD-niň ýüzbe-ýüz bolýan meselelerini anyk kesgitleýär. Munuň özi ýöne bir hakykaty beýan etmek bolman, eýsem, halkara raýdaşlyga we goldawa çagyryş üçin-de esas bolup durýar. Resminamada düzümleýin özgertmeleriň, senagatlaşdyrmagyň, ykdysady diwersifikasiýanyň zerurdygyna üns berlip, munuň özi onuň has giň ugurlary öz içine alýandygyny görkezýär.

Söwda deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň ykdysadyýetleriniň esasy ulgamlarynyň biri bolup durýar. Ýöne ýokary çykdajylar we çylşyrymly amallar bu ulgamda ösüş gazanmagy kynlaşdyrýar. Söwda amallarynyň ýeňilleşdirilmegi, sebit integrasiýasy bolsa bu päsgelçilikleri aradan aýyrmagyň iň netijeli usullary hasaplanýar. Sebitleýin söwda ylalaşyklary, umumy bazarlaryň döredilmegi DÇBÖBD-ne dünýä bazarlaryndan aradaşlygynyň öwezini dolmaga mümkinçilik berýär. Üstaşyr geçirmek, ulag we arabaglanyşyk hem bu ýurtlar üçin örän wajyp ugurlar bolmagynda galýar. Jarnamada BMG-niň Durnukly ulag boýunça onýyllygynyň agzalmagy üstaşyr geçirmek meselesiniň iň ýokary derejede ykrar edilýändigini görkezýär.

Resminamada anyk başlangyçlar beýan edilýär. Sebitleýin oba hojalyk ylmy-barlag merkezlerini döretmek başlangyjy azyk howpsuzlygyny pugtalandyrmaga, bu pudakda öndürijiligi ýokarlandyrmaga gönükdirilendir. Sebäbi oba hojalygy deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletlerde iň wajyp pudaklaryň biri bolup durýar. Şeýle merkezleriň döredilmegi diňe bir azyk önümleriniň önümçiligini ýokarlandyrmak üçin däl, eýsem, DÇBÖBD-niň ykdysadyýetlerini düzümleýin özgertmekde-de strategik ädim bolup durýar.

Infrastruktura maýa goýumlary çekmek boýunça mehanizmi döretmek baradaky teklip, Jarnamada ykrar edilişi ýaly, Hereketleriň Wena maksatnamasynyň doly derejede durmuşa geçirilmegine päsgel beren serişde ýetmezçiligini çözmäge gönükdirilen iň möhüm başlangyçdyr. Jarnamada Günorta-Günorta we üçtaraplaýyn hyzmatdaşlygyň barha artýan orny hem ykrar edilýär. Munuň özi dünýäde ösüp barýan ýurtlaryň özara tejribe we serişde alyşmagyny giňeldýändigini görkezýär. Hyzmatdaşlygyň bu görnüşi däp bolan Demirgazyk-Günorta hyzmatdaşlygynyň ornuny tutman, eýsem, onuň üstüni ýetirýär.

Jarnamanyň soňky baby dessin hem bilelikdäki hereketlere çagyryp, Birleşen Milletler Guramasyna we oňa agza döwletlere tagallalary utgaşdyrmak hajyýşy bilen ýüzlenýär. Resminamanyň ahyrynda Türkmenistanyň Hökümetine we halkyna hoşallyk beýan edilýär. Munuň özi diňe bir diplomatik dessur bolmak bilen çäklenmän, eýsem, ählumumy hyzmatdaşlyk, raýdaşlyk ruhuny alamatlandyrýar hem-de maslahaty kabul eden ýurduň möhüm ornuny nygtaýar.

Awaza syýasy Jarnamasy deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler üçin wajyp resminama bolup, häzirki zaman şertlerinde DÇBÖBD-ne mahsus meseleleri anyk kesgitleýär we düzümleýin özgertmeleri, sanly arabaglanyşygy, howanyň üýtgemegine durnuklylygy, maliýeleşdirmegi öz içine alýan toplumlaýyn gün tertibini göz öňünde tutýar. Şeýle hem Jarnama köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy nygtamak bilen, ähli taraplary, şol sanda üstaşyr geçiriji ýurtlary, maliýe edaralaryny we BMG-niň düzüm birliklerini hyzmatdaşlyga çagyrýar. Umuman, Awaza syýasy Jarnamasy halkara jemgyýetçiligiň deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar üçin borçnamasy bolup, anyk hereketlere gönükdirilen meýilnamadyr. Onuň netijeli durmuşa geçirilmegi geljekki onýyllykda bu ýurtlaryň ösüşini düýpgöter özgerdip biler.

## BMG-niň Awaza forumynyň netijeleri: sanlar we maglumatlar




Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň parasatly baştutanlygynda "Awaza" milli syýahatçylyk zolagynda Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahaty üstünlikli geçirildi. ●2

## AFK-nyň Çempionlar ligasy – 2: garşydaşlar belli boldy




Kuala-Lumpurda (Malaýziýa) AFK-nyň Çempionlar ligasy – 2-niň toparçalaýyn tapgyrynyň bijeleri çekildi. Şunlukda, ýurdumyzyň «Arkadag» hem-de «Ahal» toparlarynyň çykyş etjek toparçalary hem-de şol ýerdäki garşydaş klublar kesgitlendi. AFK-nyň Çempionlar ligasy – 2-niň toparlaýyn tapgyryna 32 topar gatnaşýar. Şunlukda, bije çekişlikde klublar Günbatar we Gündogar zolaklara paýlanyldy. ●2

## Hazarýaka döwletleriniň Baştutanlarynyň VII sammiti



Hazarýaka döwletleriniň Baştutanlarynyň sammiti 2026-njy ýylyň awgustynda Eýran Yslam Respublikasynyň paýtagty Tähran şäherinde geçiriler. Bu barada Eýran Yslam Respublikasynyň Türkmenistandaky ilçisi Ali Mojtaba Ruzbehani «Awaza»milli syýahatçylyk zolagynda Hazar deňziniň gününe bagyşlanyp geçirilen «Hazar deňzi – dostluk we parahatçylyk deňzi» atly ylmy-amaly maslahatynda eden çykyşynda habar berdi. ●2

## Emeli intellekti işjeň ulanýan döwletler




2025-nji ýylyň 11-nji awgustynda Gazagystanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew emeli intellektiň Gazagystanyň ösüşiniň hereketlendiriji güýjüne öwrülmelidigini aýtdy. Ýakyn 5 ýylyň dowamynda Gazagystan özüni emeli aň mümkinçiligini iň ýokary derejede peýdalanýan sanly döwlete öwürmegi meýilleşdirýär. "Kazinform" agentligi dünýäde emeli aň ulgamynyň ornaşdyrylyşynyň mysallaryny öwrendi. ●2

# Hazarýaka döwletleriniň Baştutanlarynyň VII sammiti Tähranda geçiriler

Başlangyjy 1-nji sahypada.

– Men Eýran Yslam Respublikasynyň 2026-njy ýylyň awgustynda 7-nji Hazarýaka sammitini gurajakdygyny habar bermekden hoşaldyryn. Biz Hazar deňziniň güni hem-de Tähran konwensiýasynyň kabul edilmeginiň 20 ýyllygynyň bellenýän günlerinde Tähranda Hazarýaka döwletleriniň Baştutanlaryny kabul etmekden uly buýsanç duýarys – diýip, ilçi belledi.

Eýranyň ilçisi şeýle hem Eýranyň 2025-nji ýylda Hazar deňziniň kenaryndaky welaýatlarynyň gubernatorlarynyň ilkinji halkara duşuşygyny geçirmegi meýilleşdirýändiklerini belläp geçdi.



Ilçiniň bellemegine görä, bu duşuşygyň maksady, Hazarýaka sebitiniň welaýatlarynyň ýolbaşçylygy derejesinde gepleşikler, tejribe alyşmak we özara gatnaşyklar, kenarýaka sebitleri bilen hyzmatdaşlygy üpjün etmek, deňziň kenar ýakalaryndaky meseleler, mümkinçilikler we geljegi kesgitlemek üçin durnukly platforma üpjün etmekdir. Şeýle hem söwda, senagat, oba hojalygy, daşky gurşawy goramak we ulag boýunça bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmegiň mümkinçiliklerine serediler.

– Bu duşuşygyň maksatnamasy we çakylygy ýakyn wagtda Hazarýaka döwletlerine iberiler – diýip, ilçi belledi.

# AFK-nyň Çempionlar ligasy – 2: garşydaşlar belli boldy

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Ýurdumyzyň çempiony bolmagy başaran «Arkadag» futbol kluby «B» toparçada «Al-Ahli» (Katar), «Andižan» (Özbegistan) hem-de «Al-Haldiýa» (Bahreýn) toparlary bilen duşuşar.



«Ahal» bolsa «C» toparça düşdi. Onuň toparçadaky garşydaşlary «Sepahan» (Eýran), «Al-Husseýn» (Iordaniýa) hem-de «Mohun Bagan» (Hindistan) boldy.

Toparçalaýyn tapgyryň duşuşyklary 2025-nji ýylyň sentýabr – dekabr aýlarynda geçiriler.

# Hytaý kompaniýasy horlanýan işgärlere goşmaça töleg eder

Hytaýyň Günorta Guandun welaýatynda ýerleşýän "Insta360" kamera öndürýän kompaniýasy işgärleriniň aşa semizlik bilen göreşini maliýe taýdan höweslendirmäge karar berdi.

Kompaniýa işgärleri üçin «Horlan we pul gazan» atly bäsleşik başlatdy. Düzgünleri ýönekeý: her 500 gram üçin 500 ýuana ($70) goşmaça töleg berler.



Emma bu bäsleşigiň ýene-de bir düzgni bar. Ol hem semreýän işgärler bolsa, jerime tölär. Her 500 gram üçin 800 ýuan ($112) talap edilýär diýip, "City News Service Shanghai" neşiri habar berýär.

Häzirlikçe hiç kimi jerime bellänmändir. Bäsleşige jemi 99 işgär goşuldy, olar bilelikde 950 kg horlanyp, jemi 1 mln ýuan ($139 389) gazandylar. "Insta360" kompaniýasynyň bu başlangyjynyň maksady sagdyn durmuş ýörelgesini wagyz etmek we işgärleriň ýaşaýşa hem-de işe bolan oňyn garaýşyny höweslendirmekden ybaratdyr.

# BMG-NIŇ AWAZA FORUMYNYŇ NETIJELERI: SANLAR WE MAGLUMATLAR








Başlangyjy 1-nji sahypada.

**BU IRI HALKARA FORUMY BABATDA KÄBIR SANLARY WE MAGLUMATLARY DYKGATYŇYZA ÝETIRÝÄRIS:**

BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatyna gatnaşmak maksady bilen, 104 döwletden 1179, halkara guramalaryň 46-syndan 430, 35 döwletiň köpçülikleýin habar beriş serişdelerinden 166, daşary ýurt kompaniýalarynyň 13-sinden 20, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Azerbaýjanyň medeniýet işgärlerinden 429 sany, umumylykda 2 müň 224 wekil ýurdumyza sapar bilen geldi.

5 – 8-nji awgust aralygynda 6 sany plenar mejlis, tematiki «tegelek stol» duşuşyklarynyň 5-si, ýokary derejedäki forumlaryň 7-si, ugurdaş çäreleriň 37-si (şolaryň 5-si Türkmenistan tarapyndan) geçirildi.

Maslahatyň işiniň barşy hem-de onuň dowamynda seredilen meseleler bilen köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekillerini tanyşdyrmak maksady bilen, 3 sany brifing guraldy.

Türkmenistanyň Hökümetiniň agzalary, ministrlikleriň, pudak edaralarynyň ýolbaşçylary bilen Awaza forumyna gatnaşan döwletleriň we halkara guramalaryň ýolbaşçylarydyr wekilleriniň arasynda ikitaraplaýyn duşuşyklaryň 138-si geçirildi.

Türkmenistan bilen daşary ýurtlaryň hem-de halkara guramalarynyň arasynda ikitaraplaýyn resminamalaryň 6-syna gol çekildi.

BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň netijeleri boýunça jemleýji resminama bolan Awaza syýasy Jarnamasy kabul edildi.

Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça 2024 – 2034-nji ýyllar üçin Hereketleriň maksatnamasyna seredilip, ony «2024 – 2034-nji ýyllar üçin Hereketleriň Awaza maksatnamasy» diýip atlandyrmak resmi taýdan yglan edildi.

# Türkmenistanyň zenanlar küşt ýygyndysy halkara reýtingde ilkinji 50-lige girdi

**Türkmenistanyň zenanlar milli ýygyndysy Halkara küşt federasiýasynyň (FIDE) aýlyk täzelenýän umumy sanawynda ilkinji gezek dünýäniň iň güýçli 50 milli ýygyndysynyň hataryna girdi.**

**Bu üstünlik köp ýyllara daýanýan maksatlaýyn işleriň miwesidir. Mundan üç ýyl ozal hem zenanlar ýygyndymyz bu sanawyň 105-nji basgançagyndady. Geçen ýylda 70-nji orna çenli ösüş gazanan ýygyndy toparymyz taryhynda ilkinji gezek dünýäniň güýçli ýygyndylarynyň ilkinji 50-ligine girdi.**

**Hünärmenler tälimçi saýlawynda we taýýarlyk işlerinde jogapkärçiligiň ýokarlanmagyny, ýaş zehinleri milli ýygyndy bilen işjeň baglanyşdyrmagyň täze usullarynyň girizilmegini, okuw-türgenleşik işleriniň döwrüň talaplaryna laýyk kämilleşdirilmegini, toparlar düzülende sportuň ýörelgelerine berk eýerilmegini hem-de halkara ýaryşlarda psihologlaryň kömeginden peýdalanylmagyny şeýle ösüşiň möhüm sebäpleriniň käbirleri hökmünde görkezýärler.**

**Ýygyndy toparymyzyň gazanan üstünlikleriniň aňyrsynda baş tälimçi Şahruh Turaýewiň ýolbaşçylygyndaky tälimçiler toparynyň tutanýerli zähmeti bar. Onuň şägirtleriniň arasynda 15 ýaşly gyzlaryň arasynda FIDE-niň ussady Jahan Rejebowa (şahsy görkezijisi – 2152) we 19 ýaşly Lala Şöhradowa (şahsy görkezijisi – 2151) ýaly zehinli küştçüler hem bar. Olar Türkmenistanyň iň gowy küştçüleriniň sanawynda ilkinji iki orny eýeleýärler.**



**Zenanlar ýygyndymyz ýatdan çykmajak ýeňişleriniň birini 2024-nji ýylyň sentýabrynda Wengriýanyň Budapeşt şäherinde geçirilen 45-nji Bütindünýä küşt olimpiadasynda gazanypdy. Şonda toparymyz «C» derejesinde birinji orny eýeläp, kiçi altyn medala mynasyp boldy, umumy sanawda bolsa 32-nji orunda ýerleşdi. Bu netijäniň gazanylmagynda olimpiadanyň öňüsyrasynda Türkiýäniň Antalýa şäherinde geçirilen we dünýäniň meşhur grossmeýsteri Wasiliý Iwançugyň gatnaşan okuw-türgenleşik ýygnanyşyklary uly ähmiýete eýe boldy.**

**Ýeri gelende aýtsak, geçen aýda türkmen küştçüleri 3-nji Merkezi Aziýa çempionatynda hem uly üstünlik gazandylar. Gyrgyzystanyň Çolpon-Ata şäherinde geçirilen çempionatda toparymyz ikinji orny eýeläp, dürli ýaş derejelerinde (8, 10, 12, 14, 16 we 18 ýaşa çenli) umumylykda 6 medal gazandy.**

**Türkmenistanyň Küşt federasiýasy zenan küştçülerimiziň 2026-njy ýylda Samarkant şäherinde geçiriljek Bütindünýä küşt olimpiadasynda dünýäniň ilkinji 40 milli ýygyndysynyň hataryna girjekdiklerine ynanýar.**

# Emeli intellekti işjeň ulanýan döwletler

Başlangyjy 1-nji sahypada.

***LUKMANÇYLYK WE SAGLYGY GORAÝYŞ***

Ysraýylda emeli intellekt saglygy goraýyşda giňden ulanylýar – diagnoz goýmakda, şahsylaşdyrylan bejergide, adatdan daşary ýagdaýlara jogap bermekde we derman taýýarlamakda işjeň peýdalnylýar. Mysal üçin, "Aidoc" atly startap ýurduň iri hassahanalaryna "AI" algoritmlerini ornaşdyryp, bu hem şöhle arkaly anyklaýyş barlaglarynda insultlary, gan akmalary we süňk döwülmelerini derrew ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär.




***BILIM***

Finlýandiýa emeli aň ulgamyny bilime işjeň ornaşdyrýar – milli strategiýany mekdep we uniwersitet derejesindäki innowasiýalar bilen utgaşdyrýar. Mysal üçin, "Turku Institute for Learning Analytics" tarapyndan döredilen "ViLLE" platformasy ulanýar. Ol okuwçylaryň jogaplaryny, güýçli we gowşak taraplaryny hem-de beýleki görkezijilerini seljerip, haýsy ýerlerde goşmaça goldaw gerekdigini ýa-da täze wezipelere taýýardygyny kesgitleýär.

***ULAG WE LOGISTIKA***

Niderlandlar emeli intellekt ulgamyny ulag infrastrukturasyndaky netijeliligi we durnuklylygy ýokarlandyrmak üçin ulanýar. Rotterdam portunda "AI" ulgamy gämileriň geljek wagtyny öňki gelmeler, gämi görnüşleri, ugurlar we tizligi barada maglumatlara esaslanyp ýokary takyklyk bilen çaklaýar. Bu terminal, gämi wekilleri we operatorlar üçin meýilleşdirmäni gowulandyrdy we garaşma wagtyny 20% azaltdy.

ABŞ-da "AI" ulgamy logistika hyzmatlarynda ulanylýar. Mysal üçin, "Uber Freight" maşyn öwreniş algoritmlerini ulanýar we boş ýük maşynlarynyň gatnawyny 35%-den 10–15%-e çenli azaldýar.

***ENERGETIKA WE EKOLOGIÝA***

Daniýada ýeliň energiýa öndürilişini çaklamak möhüm ähmiýete eýe, sebäbi ýurduň elektrik energiýasynyň ýarysy gaýtadan dikeldilýän çeşmelerden gelip çykýar we kä günlerde ýel energiýasy sarp edilişiň 50%-ne çenli ýetýär. "AI" modelleri çaklamalaryň takyklygyny ep-esli ýokarlandyrýar we ulgamy durnuksyz öndüriliş bilen has netijeli işledýär.

Awstraliýada "Neara" startapy energiýa ulgamlarynyň infrastrukturasyny güýçli howa şertlerini hasaba alyp seljerýär, abatlaýyş strategiýalaryny optimallaşdyrýar we üpjünçiligiň ygtybarlylygyny ýokarlandyrýar.

***OBA HOJALYGY***

Niderlandlarda ýyladyşhanalar "AI" kompýuter ulgamlary arkaly ösümlikleriň ýagdaýyny ýzarlap, suwaryşy, ýyşklandyryşy we temperaturany awtomatiki sazlaýar. ABŞ-da J"ohn Deere See & Spray" ýaly platformalar "AI" arkaly otlary anyklap, pestisidleri diňe zerur ýerlerde sepeläp, himiýa serişdeleriniň sarp edilişini birnäçe esse azaltmaga mümkinçilik berdi.




Awstraliýada "AI" analitikaly dronlar mallaryň saglygyny we öri meýdanlarynyň ýagdaýyny gözegçilikde saklaýar.

# Türkmenistanyň raýat awiasiýasy üçin uçarmanlar Türkiýede taýýarlanylar

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Turkiýe Respublikasyna iş saparynyň çäklerinde 2024-nji ýylyň 1-nji martynda Antaliýa şäherinde, «Türkmenistan» awiakompaniýasy» açyk görnüşleri paýdarlar jemgyýeti bilen Turkiýe Respublikasynyň Turk Hava Kurumu Uniwersitetiniň arasynda gol çekilen «Özara düşünişmek hakynda Ähtnama» laýyklykda, «Türkmenistan» awiakompaniýasy» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň Ýerine ýetiriji edarasynyň (Dolandyryş topary) 10.04.2025ý. senede ýygnagy geçirilip, ýygnakda Türkiýe Respublikasynyň Türk aeronawtika birleşigi uniwersitetinde 2025-2029-nji okuw ýyllary boýunça Türkmenistanyň raýat awiasiýasy üçin uçarmanlary taýýarlamak meselesine seredildi.



Şunuň bilen baglylykda, degişli ýygnakda dowamlylygy 4 ýyl möhleti bolan uçarman käri boýunça Türkiýe Respublikasynyň Türk aeronawtika birleşigi uniwersitetine kabul edişligi yglan etmek üçin dalaşgärleri saýlap seçip almak boýunça ýerine ýetirilmeli işler, geçirilmeli çäreler, dalaşgärleri saýlap seçip almagyň tertibi we olara bildirilýän esasy talaplar, olardan kabul edilmeli resmi iş kagyzlaryň sanawy we olaryň kabul ediş möhletleri, şeýle-de giriş synaglarynyň geçirilmeginiň möhletleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Ýokarda agzalanlar esasynda Türkiýe Respublikasynyň Türk aeronawtika birleşiginiň uniwersiteti bilen «Türkmenistan» awiakompaniýasy» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň arasynda gol çekilen özara düşünişmek hakynda Ähtnama laýyklykda, Türk aeronawtika birleşiginiň uniwersitetinde Türkmenistanyň raýat awiasiýasy üçin uçarmanlary taýýarlamak maksady bilen, talyplary seçip saýlap almak üçin 2024-nji ýylyň 14-nji we 18-nji iýul seneler aralygynda Türkiýe Respublikasynyň Türk aeronawtika birleşiginiň uniwersitetiniň Rektorynyň gatnaşmagynda agzalýan uniwersitetiň birnäçe hünärmenleri tarapyndan synaglar geçirildi. Geçirilen synaglaryň netijesinde 3(üç) sany dalaşgär saýlanyp, agzalýan uniwersitete okuwa ýollandy.

Şeýle-hem, 2025-nji ýylyň 04-nji we 6-njy awgust seneler aralygynda Türkiýe Respublikasynyň Türk aeronawtika birleşiginiň uniwersitetiniň Rektorynyň gatnaşmagynda agzalýan uniwersitetiň birnäçe hünärmenleri tarapyndan synaglary geçirildi. Geçirilen synaglaryň netijesinde 4(dört) sany dalaşgär saýlanyp alyndy.

# «Türkmenhowaýollary» Kazan we Jidde ugurlaryna uçar gatnawlaryň sanyny artdyrýar

26-njy oktýabrdan başlap, «Türkmenistan» awiakompaniýasy Kazan we Jidde ugurlaryna has köp gatnaw ýerine ýetirer. Muny awiakompaniýanyň resmi web sahypasynda çap edilen täze uçuş tertibi tassyklaýar.



Kazan ugry boýunça gatnawlaryň ýygylygy hepdede iki gatnawdan dörde çenli artar. Uçuşlar sişenbe, çarşenbe, şenbe we ýekşenbe günleri amala aşyrylar.

Jidde ugry boýunça gatnawlaryň sany hepdede ikiden üçe çenli ýokarlanar. Indi olar sişenbe, çarşenbe we anna günleri ýerine ýetiriljýär. Täzelenen uçuş tertibi awiakompaniýanyň web sahypasynda elýeterli bolup, ýolagçylar uçuşlaryň takyk wagtlaryny görüp bilerler we bilet sargyt edip bilerler.

# RUSSIÝANYŇ WE ABŞ-NYŇ PREZIDENTLERINIŇ TARYHY DUŞUŞYGY

**Russiýanyň we ABŞ-nyň Prezidentleri Wladimir Putin bilen Donald Tramp Alýaskanyň Ankorij şäherindäki taryhy duşuşygy tamamlandy. Olar daşary syýasat edaralarynyň ýolbaşçylarynyň we kömekçileriniň gatnaşmagynda üç sagat söhbet etdiler.**



Soňra Putin bilen Tramp metbugata beýanat berdiler. Putiniň ABŞ-a eden soňky on ýylda ilkinji sapary bäş sagatdan köp dowam etdi. Ukrainanyň töweregindäki ýagdaý sammitiň esasy meseleleriniň biri boldy diýip, Russiýanyň Prezidenti aýtdy. Ol Tramp bilen gazanylan ylalaşygyň Ukrainada parahatçylyga ýol açjakdygyna umyt bildirdi. Putin özüniň Tramp bilen "örän gowy işjeň we ynamly aragatnaşyk gurandygyny" aýtdy.

**PUTINIŇ AMERIKALY ÝOLBAŞÇYLAR BILEN SOŇKY DUŞUŞYKLARY**

Putin bilen Tramp iň soňky gezek doly göwrümli sammiti 2018-nji ýylyň iýul aýynda Helsinkide geçiripdiler, duşuşyk iki sagatdan gowrak dowam edipdi. Gysgaça görnüşdäki duşuşyk 2018-nji ýylyň 1-nji dekabrynda G20 sammitiniň çäklerinde bolup, aýak üstünde söhbet 15 minut çemesi dowam edipdi.

Putin bilen Trampyň iň soňky duşuşygy 2019-njy ýylyň 28-nji iýunynda Osakada G20 sammitiniň çäklerinde bolup, gepleşikler 1 sagat 20 minut dowam edipdi.

2021-nji ýylyň 16-njy awgustynda, Trampyň ilkinji prezidentlik möhletiniň tamamlanmagyndan soň, Putin Ženewada Jo Baýden bilen duşuşypdy, şol gezek duşuşyk 3,5 sagat dowam edipdi.

# «Starlink» Gazagystanda ýörite internet hyzmatlaryny bermäge başlady

Amerikanyň ýörite awiakosmos kompaniýasy «SpaceX»-iň bölümi bolan «Starlink» kompaniýasy Gazagystanyň çäginde ýörite internet hyzmatlaryny bermäge başlaýar, diýip Gazagystanyň Sanly ösüş, innowasiýalar we awiakosmos senagaty ministrliginiň metbugat gullugy habar berdi.

«2025-nji ýylyň 13-nji awgustyndan başlap, «Starlink» kompaniýasy Gazagystan Respublikasynyň çäginde ýörite internet hyzmatlaryny resmi taýdan bermäge başlaýar. Şonuň netijesinde ýurduň ýaşaýjylary «SpaceX»-e degişli «Starlink»-iň pes orbitli ýörite ulgamy arkaly ýokary tizlikli we ygtybarly internete eýe bolup bilerler» diýip, ministrligiň «Telegram» kanalynda ýaýradylan habarda aýdylýar.




Şeýle hem, 2025-nji ýylyň 12-nji iýunynda Gazagystanyň Sanly ösüş ministrligi bilen «Starlink» kompaniýasynyň arasynda ylalaşyk baglaşylyp, onda internet hyzmat berlende Gazagystanyň kanunçylygynyň talaplaryny berjaý etmek hem göz öňünde tutulandyr.

«Starlink tehnologiýasy, iň uzak we elýetmez ýerlerde-de ygtybarly birikmäni üpjün edýär we halk üçin häzirki zaman sanly hyzmatlara elýeterliligi döredýär» diýip, habarda bellenilýär. 2027-nji ýylyň ahyryna çenli 3 müňden gowrak obany ýokary tizlikli internet bilen üpjün etmek göz öňünde tutulyp, bu bolsa Gazagystanyň oba ýerleriniň 99%-ni öz içine almagyň meýilleşdirilýändigi habar berildi.

# Aşgabat-Türkmenbaşy awtobus gatnawlarynyň sany artdyryldy

"Awtomobil ulag hyzmatlary" AGPJ häzirki wagtda Aşgabat-Türkmenbaşy ugry boýunça awtobus gatnawlarynyň hereket edýändigini habar berýär. Ýolagçylaryň amatlylygyny ýokarlandyrmak we paýtagt bilen Türkmenbaşy şäheriniň arasyndaky ulag aragatnaşygyny gowulandyrmak maksady bilen, gatnawlaryň sany 3-e ýetirildi.

Awtobuslar Aşgabatdaky Halkara awtomenzilinden sagat 10:00, 10:30, 11:00 ugrap, Türkmenbaşy şäherindäki awtomenzile 21:00, 21:30, 22:00 barýarlar.



Bir tarapa ýol petegiň bahasy 65 manat. Aşgabat-Türkmenbaşy ugrundan başga-da, Aşgabat – Awaza – Aşgabat ugry boýunça hem gatnawlar dowam etdirilýär. Aşgabat-Awaza ugrunyň ýol petegi ulular üçin 75 manat, 5 ýaşdan 13 ýaşa çenli çagalar üçin bolsa 37,5 manat bolýar.

Awtobuslar Aşgabat – Awaza ugry boýunça her gün iki gezek gatnaw amala aşyrýarlar. Paýtagtdan ugraýan wagty 06:00 we 06:30 bolup, awtobuslar Halkara awtomenzilinden ugrap, ýol wagty sekiz sagat dowam edýär.

Awtobus gatnawlarynyň ähli ugurlary boýunça ýol peteklerini resmi web sahypasyndan – auh.com.tm – we «Şäherara bilet» atly mobil goşundysyndan onlaýn görnüşde satyn alyp bolýar.

Mundan başga-da raýatlaryň bu ugurlaryň sanyny has-da artdyrmak barada islegleriniň göz öňünde tutuljakdygy barada «Awtomobil ulag hyzmatlary» AGPJ habar berýär.

Goşmaça maglumat almak üçin ýolagçylar aşakdaky telefon belgilerine ýüz tutup bilerler: (+993 12) 44-35-20, 861 49 34 95.

# Hytaý Merkezi Aziýa bilen awiasiýa hyzmatdaşlygyny ösdürer



Gazagystanyň Astana şäherinde Merkezi Aziýa ýurtlary we Hytaýyň raýat awiasiýasy boýunça hyzmatdaşlyk boýunça iş toparynyň ikinji maslahaty geçirildi. Hytaý tarapynyň habar bermegine görä, sebitiň howa gatnawyny ösdürmek boýunça teklipler hödürlendi, diýip «Kazinform» habarlar gullugynyň habarçysy belläp geçdi.

Hytaýyň raýat awiasiýasy administrasiýasynyň halkara gatnaşyklary bölüminiň baş direktorynyň orunbasary Baý Wenli awiasiýa pudagynyň Ýewraziýa ulag merkezini döretmekde möhüm rol oýnaýandygyny belläp geçdi. Soňky ýylda Hytaý bilen Merkezi Aziýa ýurtlarynyň arasynda göni uçar gatnawlarynyň sany 2024-nji ýyl bilen deňeşdirilende iki esse, 2019-njy ýyl bilen deňeşdirilende bolsa üç esse artdy. Häzirki wagtda Hytaý sebitiň ähli bäş paýtagty bilen göni uçuşlar arkaly birleşýär.

**BAÝ WENLI HYTAÝYŇ MUNDAN BEÝLÄK HYZMATDAŞLYGY ÖSDÜRMEK ÜÇIN BÄŞ ESASY TEKLIBINI AÝRATYN BELLEDI:**

1. *Awiakompaniýalaryň hyzmatdaşlygyny goldamak, ýolagçy we ýük gatnawlaryny giňeltmek.*
2. *Ýolagçylara amatly bolmagy üçin gümrük amallaryny ýeňilleşdirmek.*
3. *Howa menzillerini döwrebaplaşdyrmak we awiabenzeniň bahasyny peseltmek.*
4. *Uçuşlaryň howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça gözegçiligi güýçlendirmek.*

Maslahata Hytaýyň, Gazagystanyň, Özbegistanyň, Gyrgyzystanyň, Täjigistanyň we Türkmenistanyň awiasiýa edaralarynyň, awiakompaniýalarynyň we howa menzilleriniň wekilleri gatnaşdy. Duşuşyk raýat awiasiýasy boýunça hyzmatdaşlygy berkitmäge gönükdirilendir.

# Türkmenistanyň nebitgaz uniwersitetinde hytaý dili öwrediler



2023-nji ýylda Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersiteti bilen Hytaýyň nebit uniwersitetiniň (Pekin şäheri) arasynda hyzmatdaşlyk etmek barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama baglaşyldy. Baglaşylan Ähtnamanyň çäklerinde uniwersitetde hytaý dili boýunça okuwlary bilelikde guramak, mugallymlaryň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça işleri alyp barmak bellenen.

Golaýda Hytaý Halk Respublikasynyň Dil babatda alyş-çalyş we hyzmatdaşlyk boýunça halkara Merkeziniň wekilýeti bilen uniwersitetde geçirilen duşuşykda hytaý dilini öwrenmekde hyzmatdaşlygy ösdürmek we giňeltmek meselelerine garaldy.

Halkara merkeziň wekilýeti bu ugurda tejribe alyşmak, okuwy guramagyň innowasion usullaryny ulanmak we ösdürmek, şeýle hem bilim bermegiň öňdebaryjy tehnologiýalaryny giňden ulanmak babatda alyp barýan işleri bilen tanyşdyrdylar.

Merkez tarapyndan hytaý dilini öwrenmekde usuly kömek bermek, dürli görnüşli okuwlary gurnamaklyk we mugallymlaryň hünär ussatlygynyň derejesini ýokarlandyrmak boýunça hyzmatdaşlyk etmeklik teklip edildi. Soňra Halkara merkeziň wekilýeti uniwersitetiň Nebit we gaz fakultetine aýlanyp gördiler, Diller kafedrasynyň işi bilen tanyşdylar.







# 20 ýyldan soň ukrain toparlary Çempionlar ligasynyň esasy tapgyryna çykyp bilmedi

Ukrain klublary 20 ýyldan soňra ilkinji gezek futbol boýunça Çempionlar ligasynyň esasy tapgyryna çykyş etmek mümkinçiligine eýe bolup bilmedi.




Ýewropa futbolynyň esasy ýaryşynda Ukraina wekilçilik edip biljek ýeke-täk topar bolan Kiýewiň «Dinamo» kluby üçünji saýlama tapgyrynda Kipriň «Pafos» klubuna (0:1, 0:2) ýeňildi. Bu topar ýoluny Ýewropa ligasynyň saýlama tapgyrynda dowam eder.

Soňky gezek Çempionlar ligasynyň esasy tapgyryna ukrain klublary 2005/06 möwsüminde çykyp bilmändi. Şonda Kiýewiň «Dinamo» kluby ikinji saýlama tapgyrynda Şweýsariýanyň «Tun» klubuna (2:2, 0:1) ýeňildi, «Şahtýor» bolsa Italiýanyň «Inter» klubuny ýeňip bilmändi (0:2, 1:1).

Häzirki wagta çenli Çempionlar ligasynyň umumy tapgyrynyň 36 gatnaşyjysynyň 29-y belli boldy. Galan 7 topar 26–27-nji awgustda geçirjek jemleýji saýlama tapgyrynyň jogap duşuşyklaryndan soň belli bolar. Ertesi gün ýaryşyň umumy tapgyrynyň bije çekişligi geçiriler.

Geçen möwsümde Çempionlar ligasynyň kubogyny düzüminde rus derwezeçisi Matweý Safonowyň hem çykyş edýän Fransiýanyň «Pari Sen-Žermen» topary gazanypdy.

# “Ahal” topary AFK-nyň ikinji Çempionlar ligasyna gatnaşar

Ýurdumyzyň “Ahal” futbol topary myhmançylykda Täjigistanyň “Regar Tadaz” kluby bilen AFK-nyň ikinji Çempionlar ligasynyň saýlama tapgyrynda bu çempionatyň toparçalaýyn tapgyryna gatnaşmaga mümkinçilik almak üçin aýgytly duşuşyk geçirdi. Duşuşyk “Ahal” futbol toparynyň peýdasyna 2:1 hasabynda tamamlandy.



Duşuşyk ilkinji minutlardan garşylyklaýyn hüjümlere we derweze dürs ýerine ýetirilen urgulara baý boldy. Hasaby 62-nji minutda “Ahalyň” düzüminden Bagtyýar Gürgenow açdy. Jogap goluny girizmekde garşydaş topar uzak eglenmedi. 64-nji minutda Dawid Atsam uzak aralykdan dürs urgy bilen gol geçirdi. (1:1) “Ahala” ýeňiş getiren goly 82-nji minutda Hakmuhammet Bäşimowyň ussatlyk bilen geçiren pasyna Süleýman Mirzoýew geçirdi.

Şeýlelik bilen, “Ahal” topary AFK-nyň ikinji Çempionlar ligasynyň toparçalaýyn tapgyryna gatnaşmaga ýollanma aldy. Ýaryşyň bije çekilişigi 15-nji awgustda geçiriler.

Bu çempionata “Ahal” futbol topary bilen bilelikde “Arkadag” topary hem ýurdumyza wekilçilik edýär.

Täjigistanyň Tursunzade şäherindäki merkezi “TALKO-Arena” stadionynda geçen duşuşykda “Ahal” futbol toparyna öz öýünde 2:1 ýeňilen Täjigistanyň “Regar Tadaz” kluby AFK-nyň Çagyryş ligasynyň toparçalaýyn tapgyryna çykyş etmäge mümkinçilik aldy.

# «PSŽ» ilkinji gezek UEFA-nyň Superkubogyny gazandy

Geçen möwsümde UEFA-nyň Çempionlar ligasynyň çempiony bolan Fransiýanyň «PSŽ» topary 2:0 hasabynda utulyp duşuşykda, hasaby deňläp, 11 metrlik jerime urgylary arkaly Angliýanyň “Tottenhem” toparyny ýeňip, ilkinji gezek UEFA-nyň Superkubogyny gazandy.

Esasy wagt 2:2 hasabynda tamamlandy, oýun soňundaky 11 metrlik jerime urgurlarynda parižliler has takyk oýnap – 4:3 ýeňiş gazandy.




«Pari Sen-Žermen» UEFA-nyň Superkubogynyň eýesi boldy. Fransuz topary Angliýanyň «Tottenhem» klubuny ýeňdi. Esasy wagt 2:2 hasabynda tamamlandy, 11 metrlik jerime urgularynda bolsa «PSŽ» 4:3 hasabynda üstün çykdy.

«Tottenhem» 2:0 öňe geçdi: 39-njy minutda Mikki wan de Wen, 48-nji minutda bolsa Kristian Romero tapawutlandy. «PSŽ» bolsa oýnuň soňky minutlarynda hasaby deňledi – 85-nji minutda Li Kan In, 90+4-nji minutda bolsa Gonsalu Ramuş gol geçirdi.

Oýnuň ykbalyny 11 metrlik jerime urgulary kesgitledi. «PSŽ»-de Gonsalu Ramuş, Usman Dembele, Li Kan In we Nuno Mendeş pökgüni dürs urdy, Witinýa bolsa şowsuz boldy. Londonlylarda Dominik Solanke, Rodrigo Bentankur we Pedru Porru gol geçirdi, Mikki wan de Weniň urgusyny Lukas Şewalýe saklady, Matiss Tel bolsa pökgüni derwezeniň daşyna iberdi.

Bu kubok «PSŽ»-niň taryhynda ilkinji UEFA Superkubogy boldy we umuman Fransiýa toparlary üçin hem ilkinji UEFA-nyň Superkubogy boldy: mundan ozal Fransiýanyň hiç bir topary bu ýaryşda ýeňiş gazanmandy.

Mundan öň parižliler Çempionlar ligasyny, Fransiýanyň çempionatyny, Fransiýanyň kubogyny we Fransiýanyň Superkubogyny gazanypdy. Şeýle hem olar klublaryň dünýä çempionatynyň finalyna çykyp, ol ýerde «Çelsi» tarapyndan 0:3 hasabynda utulypdylar.

# Şwesiýaly türgen 13-nji rekordyny goýdy

Şwesiýaly ýeňil atletikaçysy Arman Dýuplantis syryk bilen belentlige bökmekde dünýä rekordyny täzeledi. Bu onuň öz rekordyny 13-nji gezek gaýtalamagy bilen özboluşly häsiýete eýe boldy.



Stokgolmde geçirilen ýaryşda türgen 6,29 metr aralyga bökdi – bu onuň öňki şahsy rekordyndan 1 santimetr köp. Şeýdip, şwesiýaly türgen öz üstünligini 13-nji gezek täzeledi.

Ol iki gezek Olimpiýa oýunlarynyň çempiony boldy. Mundan başga-da, onuň baýrak gaznasyna dünýä çempionatynda iki ýeňiş hem bar.

# Jennifer Lopeziň Daşkentdäki ilkinji konserti

Daşkentde dünýä derejesindäki superýyldyz Jennifer Lopeziň ilkinji konserti geçirildi. Ol müňlerçe daşary ýurtly tomaşaçyny ýygnady. Özbegistanyň paýtagty dürli milletleriň, halklaryň we dinleriň wekillerini birleşdiren global köpmedeniýetli şäher hökmünde tanaldy.

7-nji awgustda Özbegistanyň paýtagty ilkinji gezek dünýä derejesindäki superýyldyzyň konsertini kabul etdi. «Bunyodkor» stadionynda Jennifer Lopeziň «Up All Night – Live in 2025» atly dünýäniň ençeme şäherini özünde jemleýän konsert maksatnamasynyň çägindäki çykyş boldy. Konsertiň guramaçysy hökmünde Medeniýet we sungaty ösdürmek gaznasy çykyş etdi.

«On The Floor», «Let's Get Loud» we «Ain't Your Mama» ýaly meşhur aýdymlary bilen Jennifer Lopez stadiony doldyran 25 müň tomaşaçy bilelikde aýdym aýdyp, sungat söýüjilerde ýakymly täsir galdyrdy.



Konsertde Jennifer Lopez täze aýdymy bolan «Birthday» aýdymyny ýerine ýetirdi. 24-nji iýulda 56 ýaşyny bellän aýdymçy muşdaklaryna ýüzlenip: «Her gün biziň doglan günümiz bolsun!» – diýip belledi.

Medeniýet we sungaty ösdürmek gaznasynyň maglumatyna görä, meşhur aýdymçynyň konserti üçin satylan biletleriň takmynan 67%-ini daşary ýurtlylar satyn aldy. Olaryň arasynda Russiýadan gelen 9000, Gazagystandan bolsa 2500-den gowrak myhman bar. Şeýle hem Ýewropa ýurtlaryndan tomaşaçylar gatnaşdy.

Umuman, bu çäre 15 müňden gowrak syýahatçyny Daşkent şäherine çekdi. Olaryň köpüsi şäherde 4–6 günläp bolup, ýokary baha kategoriýaly syýahat bukjalaryny saýlapdyrlar diýip, gazna belleýär.

Şeýle hem Jennifer Lopez 1-nji awgustda Gazagystanyň Astana, 10-njy awgustda bolsa Almaty şäherinde konsert maksatnamasy bilen çykyş etdi.

# Serdar Azmun BAE-niň çempionatynyň «Altyn top» baýragyny aldy

BAE-niň «Şabab Al-Ahli» klubunyň eýranly hüjümçisi Serdar Azmun, BAE Ýokary ligasynyň möwsüminiň iň gymmatly oýunçysy diýlip yglan edildi we abraýly «Altyn top» baýragyna mynasyp boldy.



Geçen möwsümiň iň gowy oýunçylaryny sylaglamak dabarasy BAE-de geçirildi. Şonda geçen möwsümde «Şabab Al-Ahli» bilen çempion bolan Serdar Azmun liganyň iň gymmatly oýunçysy hökmünde «Altyn top» baýragny aldy. Geçen möwsümde Azmun BAE-niň çempionatynda 21 duşuşykda 11 gol geçirip, 6 netijeli pas berdi. Umuman, «Şabab Al-Ahli» bilen ähli ýaryşlarda 39 duşuşykda çykyş edip, 26 gol we 10 gol pasy bilen tapawutlandy.

# Italiýaly derwezeçi Donnarumma «Mançester Siti» klubyna geçýär

Italiýaly derwezeçi Janluiji Donnarumma Angliýanyň «Mançester Siti» klubyna geçmek barada ylalaşyga geldi. Bu barada fransuz gazeti «L'Equipe» habar berýär. Maglumat çeşmesine görä, italiýaly derwezeçi «Mançester Siti» klubunyň baş tälimçisi Hosep Gwardiola bilen gepleşik geçirip, şertnama baglaşmaga razy boldy. 12-nji awgustda Donnarumma 2021-nji ýyldan bäri çykyş edip gelýän Fransiýanyň «Pari Sen-Žermen» klubundan gidýändigini resmi taýdan yglan etdi.



**Donnarumma barada maglumat**

26 ýaşly derwezeçi «PSŽ» bilen dört gezek Fransiýanyň çempiony, iki gezek ýurduň kubogynyň eýesi boldy, geçen möwsümde bolsa topary bilen Çempionlar ligasynyň ýeňijisi boldy. Italiýa milli ýygyndysynyň düzüminde 2021-nji ýylda Ýewropanyň çempiony boldy. 2024/25-nji möwsüminde Donnarumma «PSŽ» üçin 47 oýna çykyp, şonuň 17-sinde derwezesinden gol geçirtmedi.

# Türkiýäniň syýahatçylyk girdejisi artdy

Türkiýe 2025-nji ýylyň ilkinji ýarymynda syýahatçylyk girdejileriniň artandygyny belläp geçdi. 2025-nji ýylyň ilkinji alty aýynda Türkiýe Respublikasy takmynan 26 million 389 müň syýahatçyny kabul etdi, bu bolsa geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 1% köpdür. Syýahatçylyk girdejileri 25,8 milliard ABŞ dollaryna ýetip, 7,6% ýokarlandy. Bütindünýä syýahatçylyk guramasynyň (UNWTO) berýän maglumatyna görä, 2024-nji ýylda Türkiýe döwleti dünýäde syýahatçy kabul etmek boýunça dördünji uly bazar boldy.



Türkiýäniň medeniýet we syýahatçylyk ministri Mehmet Nuri Ersoýyň bellemegine görä, daşary ýurtly myhmanlar ýurtda ortaça 10 gije galdylar we adam başyna gündelik 106 dollar sarp etdiler – bu görkeziji geçen ýyl bilen deňeşdirilende 8% köp.

«Geosyýasy ýagdaýlara garamazdan, Türkiýe döwleti syýahatçylyk pudagynda durnukly ösüşini dowam etdirýär. Ugruň we bazarlaryň dürlüligine gönükdirilen strategiýamyz oňyn netijeler berýär» diýip, ministr Stambulda geçirilen metbugat ýygnagynda aýtdy.

Syýahatçylaryň sany boýunça öňdäki ýurtlar – Russiýa (2,61 mln adam), Germaniýa (2,42 mln) we Beýik Britaniýa (1,75 mln). Amerikadan, Merkezi Aziýadan we Aziýa-Ýuwaş umumany sebitinden hem syýahatçylyk akymynyň artandygy bellendi.